# Karam

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Karam

KARAM / Atamyñ gürrüñinden

Bir obada iki oglan,
Bir döwürde, bir mahalda,
Bir baharda bile doglan,
Dag eteginde, Ahalda.

"Iki aýakly iki günde",
Bu durmuşyñ dowamydyr.
Toý tutdular ýeke günde,
Bagtly günüñ rowanydyr.

Turanda jeñ-gohlar haçan,
Biri giden jeñe bakan.
Biri bolsa guma gaçan,
Uzak çölde tutup mekan.

Şeýdip, diri galan bir san,
Ýigrenç bolup garaklarda.
Biri bolsa bolup gurban,
Ýaşaberen ýüreklerde.

Bu bolan zat – bize geñ däl,
Geñ bolsa-da bilmeýäne.
Ýöne ölä karam, şol çal,
Gezip ýörkä ine-gana.

…Her ýyl Ýeñiş toýy mahal,
Ýada düşüp atam pahyr,
Sözlerini ýoýman sähel,
Bir goşgujyk ýazdym ahyr.

Dañatar ATALYÝEW.

Goşgular